# Bahar!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bahar! BAHAR!

Bahar-sen pasyllaryñ Soltany,
Tebigatda
Ýaşaýyşyñ simwoly.
Al-ýaşyla bürenipdir, gülläpdir,
Meni Poeziya akidyän yaly.

Şonuñ üçin bahar gelse, yüregim,
Gosgy setirlerne imrinip başlar.
Ezizowam ilkinji buşlukçy bolup,
Baharda dogulypdyr ýoldaşlar!

Bahar gelse!
Dogulyaryn täzeden,
Bahar gelse, guşlar bilen höwrügip,
Ganatymy ýaýyp uçasym gelyär,
Elim gerip, iki yana ýüwürip.

Bark urýar, baglaram başlaryn yrap,
Ak bulutdan atynypdyr ýaglygyn.
Baharda guşlar saýraşýan bolsa,
Duýýaryn Ezizowyñ bardygyn.

Halyl Kuly bahary söýüpdir ahyr,
Diýipdir: «Ýazgül dakjak gyzyma»
Halypam ýazy söýen ilkinji şahyr,
Bolsa,
Menem Baharyñ şahyr gyzy-da.

Aýgül MÄMETGURBANOWA. Goşgular